# Aýdylýanlar gury san däl, adamdyr

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Aýdylýanlar gury san däl, adamdyr AÝDYLÝANLAR GURY SAN DÄL, ADAMDYR



*Hakykatlaryñ üstüni örtýän sanlaryñ ruhuny tanamakdaky höwessizligimiz sebäpli uruşlar, çaknyşyklar, awtoulag heläkçilikleri dowam eder durar… Sizem elmydama gamsyz diñlär ýörersiñiz şo-ol ganly sanlary…*

Bir zatlara düşünmek üçin sanlary ulanyp, işiñizi añsatlaşdyrmaga synanyşýarys. Beýle añsatçyllyk şolar ýaly gyzykly bolýar welin, belli bir wagtdan soñ sanlaryñ añyrsyna gizlenen adamlary ýatdan çykarýarys.

Sanlara baglandygymyzça duýgularymyz körleşýär. Duýgularymyz körleşdigiçe-de, adamçylyk hüý-häsiýetlerimiz azalýar.

Beýle ýagdaý wepat bolanlaryñ sanynda ýüze çykýar.

Uruşlar, çaknyşyklar, terrorçylykly aktlar .. Ýer yranmalary, awtoulag heläkçilikleri, keselçilikler…
Müñler, on müñler, ýüz müñler, millionlar…
Gitdigiçe kalbymyzda gynanjam galanok, ýüzümizde hatda gynanyp gaş çytmak alamaty-da galanok.
Bize nätanyş köpçülikleriñ lükgeligine ölüp gitmegi piñimize-de bolanok.
Ýogsam bolmasa, biziñ köpimiz özümizi gowy adam hasaplaýarys ýa-da gowy adamdyr öýdýäris.
Eger şeýle bolmasa tegelekläp berilýän ölüm sanlarynyñ añyrsyny barlamak, bize bagly bolup biljek faktorlara garşy çykmak üçin nämedir bir zatlary ederdik…

- **Ýyllaryñ ganly hasabaty**

Mysal hökmünde diñe 1984-nji ýyldan bäri (kyrk ýyllap) on müñlerçe adamyñ ömür tanapynyñ üzülmegine getiren graždanlyk uruşy görnüşinde orta çykan «kürt problemasyny» alyp göreliñ.
Dogrusy, her iki tarapdanam ölenleriñ jemi sanynda ynandyryjy sanlaryñ nähili şekillenýändigini doly bilmesemem, wepat bolanlaryñ jemi sany 100 müñr ýeteñkirlän bolmagy mümkin (Wikipediýanyñ hasaby 93 müñ töweregi).
Üns berýän bolsañyz, edil şu mahalam tragediýa babatda ugrumyzy ýitirdik.
100 müñ bilen 93 müñüñ arasyndaky 7 müñ gözümize ähmiýetsiz bolup göründi.
93 müñüñ ýerine «kyrk ýylda 40 müñ (ýa-da 50 müñ) adam öldi diýsemem, şundan parhly bolmajaga meñzeýär.
Çünki bularyñ hemmesi «aşa köp ölüm»…
Şolar ýaly köp welin, hemmesine aýry-aýry gynanç bildirip bilmejegimizi bilýäris. Hut şonuñ üçinem şu ýerde adamkärçiligimiz ýitýär.
Russiýa-Ukraina uruşynyñ dowam eden iki ýyl iki aýynda jemi «300 müñ adam wepat boldy» diýenimde-de, barybir ýañky ýagdaý gaýtalanýar.
Iki ýyl iki aý… Kyrk ýyl…
Uruş näçe minutlap dowam edýär? Kyrk ýyl dilde añsat,

halypa?!.
Kyrk ýylda 480 aý bar, olam 14 müñ 400 güne deñ, onda-da 345 müñ 600 sagat bar, şonça sagatda-da 20 million 736 müñ minut…
Dowam edibem bilýärin. Emma men sanlary köpeltdigimde ünsüñiziñ sowulýandygyny duýýaryn…
93 müñ adam…
Olaryñ maşgalasy we garyndaş-doganlary bilen näçe bolýar?
A ýaralananlar näme? Öýünden-ilinden jyda düşürilenler?
Näçe çaknyşyk bolup geçdi? Näçe tussag etmeler boldy? Näçe adam gynaldy?
Näçe obanyñ üstüni basdylar? Näçe ilatly punktlar göçürildi?
Näçe ok atyldy bu uruşda? Näçe bomba partlady? Näçe söweşjeñ uçar üstüñizden aýlandy?
Näçe bialaç ahy-nala, dady-perýat asmana göterildi?
Näçe?!..




Ölüm sanlarynyñ nämäni añladýandygyna doly göz ýetirip bilýärsiñizmi?
Ýogsa-da, ölüm sanlary köpelende, siziñ ünsüñiz öz-özünden

başga zatlara sowulýarmy?
Hatda gaty ses bilen aýtmasaňyzam, aslynda bu habarlardan we sanlardan bizar bolandygyňyzy duýýansyňyz?
Bu hyýanatyňyz tebigy zat. Sanlar hakykatyň maglumatyny bereninde, manysyny gizlemäge ýaraýar. Köp bildigiňizçe duýgularyňyz körleşýär…
Uruşda müň öli. Soňra iki müň… Üç müň…
Bular siziň üçin diňe statistiki görkezijiden ybaratdyr.
Edil larýokdan alynan birnäçe kilo üzüm ýa-da aýyň başynda eliňize düşen birküç manat pul ýaly duýgusyz sandan ybarat…
Sanlar haçan ýürege baryp ýeterkä? Siziň pikiriňizçe bu uruşlar gutararmy?
Eýse siziň özüňiz bu uruşlaryň gutarmagyny hakykatdanam isleýärsiňizmi?
Ýa-da «Goý, ölsün, ölende näme on müňlerçe adam!» diýjek derejese gaýgysyz we perwaýsyz bolduňyzmy?
Ýa bolmasa menem size «jedelsiz» we «mukaddes» gymmatlyklaryň hatyrasyna «Watan, millet, Sakarýa» diýsem, bu 93 müň adamyň ölümini sowukganly kabul edip, şobada «bolaýmaly zat» ýaly görersiňizmi?
Megerem şeýle bolar. Çünki 93 müň şonsuzam siziň üçin ýöne sandan ybarat… Şonuň üçin pakgaryp gürlemek aňsat!..
Emma şol ölen 93 müň adamdan ýekejesini tanaýan bolsadyňyz…
Onuň adyny, ýaşyny, kärini, hüý-häsiýetini bilýän bolsadyňyz…
Çagalygyny, gülüşini, ýöreýşini ýatlaýan bolsadyňyz…
Şonra eşidýan sanlaryňyz siziň üçin ýöne bir «statistiki görkeziji» bolmakdan çykyp, has köp many aňladardy…
Şeýle bolansoň uruşda ölen müňlerçe adam sizi onçakly gyzyklandyrmaýar.
Edil beýleki uruşlarda, harby operasiýalarda, awtoawariýalarda ölen adamlarda duýýan we derrew ýatdan çykarýan beýleki sanlaryňyz ýaly…
Hakykatlaryň üstüni örtýän sanlaryň ruhyny tanamakdaky höwessizligimiz sebäpli uruşlar, çaknyşyklar, awtoulag heläkçilikleri dowam eder durar… Sizem elmydama gamsyz diňlär ýörersiňiz şo-ol ganly sanlary…
Tä haçanam bolsa bir gün çagalygyny, gülüşini, ýöreýşini biljek şol gussaly ýeke san bilen gabatlaşýançak…
Hakan AKSAÝ.

@AksayHakanaksayhakan@gmail.com

«T24» internet gazeti, 13.04.2024. Publisistika